# Dost ýüregi / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dost ýüregi / hekaýa DOST ÝÜREGI




Gije.
Köçe.
Sütün.
Çyra.
Iki sany oglanjyk, dik depelerindäki çyranyň ýagtylyk aýtymynda şeşe-beş oýnap otyr – olaryň oturan ýeri, göýä, ymgyr garaňkylyk deňzindäki nur adasy.
Birden, çatryk tarapdaky garaňkylykdan, kimdir biriniň düşnüksiz wagyr-wugury eşidildi. Bazzyk-buzzuk gürläp, haýsydyr bir erkek kişi, ite-pişigemi ýa-da dünýäni gözedürtme garaňkylyga gabsan gijämi, paýyş-paýyş sögünýär.
Ses, oglanjyklaň birine tanyş göründi.
Bada-badam, ýaňy oýna gyzygyp, özüniň utýandygyna şüweleňden püre-pür, ýazgyn ýüzjagazy boz-ýaz boldy.
-Kakam… öýdýän…-diýip ol, elindäki oýundaşlarynam zyňman dikeldi. Olary emaý bilen haşamly, agaç oýuntagtaçasynyň gyrasynda goýdy-da, wazzy-wuzzy wagyrdy gelýän tarapa ýöneldi.

Aýaklaram ädilmeýän ýaly.
Her ädende özüne çensiz-çaksyz sütem edýän mysaly, zoraýakdan ädýär.
-Näm-eý, ýene süllümmaý peýan bolup gelýäm-eý?!-diýip, ikinji oglanjyk, ýagtydan çykyp, tümlüge siňeniň yzyndan gygyrdy. Özem, beýlebir ýuwan-ýelmik, özgäň ynjysyna heýjana gelýän doňýürek bolmasa-da, şu wagt-a özi üçinem düşnüksiz näme üçindir, çylkasyz hikirdäninem duýman galdy:-hi-hi-hi…
Gidip barýan, duýman durka ýagyrnysyndan daş bilen urlan ýaly bolup, kellesini boýunjygyna ýygyrdy-da, düýrügip gitdi.
Ýöne, gaňrylmadam, säginmedem.
Şo gidişine gitdi.
Bärden baranda hakykatdan serhoş erkek kişi, ýere ýykylypdyr-da, galyp bilmän, guma agynaýar. Özem gammardilde nämedir bir zatlary samyrdaýar – dilmaç çagyrybam aýyl-saýyl ederden çetin.
-Kaka…
Oglanjygyň nämüçindir bokurdagy doldy.
Ol ýaňagyndan biygtyýar syrygyp gaýdan birki damja gyzgynlygy duýman, bogazyna tegek bolan lokgany kynlyk bilen ýuwutdy.
Ýatanyň üstüne egildi.
Ýene-de bir gezek:
-Kaka,-diýip, sesini endiredip pyşyrdady:-ýö, öýe gideli-le, kaka! Beýdip ýatmasana, bärde… hany, maňa kömekleşip, turjak bolaý-da, kaka… seni ýeke özüm göterip bilemog-a…
Oglanjyk aglamjyramaly pyşyrdamasyny bes etmän, misli bulam-delem lül-gammaryň bir ýerini ynjytmajak bolýan dek, emaý bilen ýatanyň goltugyna girdi. Hyklap-çoklap, çym-gyzyl bolup, oňa dikelmäge kömekleşip ugrady.
Iki göwre, itenek-çomanak, zordan dikelende-de, oglanjyk, özüniň horja gerdenine ähli labyryny atyp, yranjaklap, ahmal bolsaň çiňarkan gaýtmaga synanyşyp duran bilen ýüzbe-ýüz boldy.
Dessine-de ýüregi jigläp gitdi.
Bu onuň kakasy däl-de, henizem hol beýledäki ýagtylyk aýtymynda, özlerine garşy çiňerilip, aram-aramam hikirdäp oturan dostunyň kakasydy…
Birbada oglanjygyň süňňüni dünýäsygmaz ýeňillik gaplap aldy.
“E-e-ý! Gel-eý! Näm, o taýda süwümsiz ýykyrdan bolup otyrsyň? Ondan-a gel-de, tükenen pyýan kakaňa eýelik et-dä!” diýip, jaň ýalyjak owazy bilen köçäni ýaňlandyryp, dabaraly gygyrmak üçin

kükregini howadanam doldurdy…
…Soňam…
Sekunt…
Kakasynyň şeýdip ýörüşine, deň-duşlaryndan utanyp, kemsinip, tamyň arkasyna duwlanyp, ýekeje özüniň içigip-içigip aglan pursatlary göz öňüne geldi.
Dostunyň ýaňky biygtyýar kikirdisem gulagyna eşidildi.
Onuň ýaňky öz düýrügişi ýaly ýagyrnysyndan daş bilen urlan dek boýnuny ýygryp düýrügişem, edil şu wagt bolup geçýän mysaly, hyýalynda janlandy…
…Pyssardy.
Ýene-de bir gezek ýuwdundy-da, üstüne özüni atan agyr göwräniň labyryna ýegşerilip durşuna, haşlady:
-Ýör, agam! Men seni öýüňize äkideýin,-diýibem, dostunyň oturan tarapyna sowulman, tekge bolýanyny, aýlap äkitmek üçin, çatrykdan yzyna aýlandy.
Hiç zatdan bihabar dosty bolsa, şol bigam oýunçyllygy bilen olaryň yzyndan gygyrdy:
-Dos, nirä barýaň-how? Öýüňiz bu tarapd-a-how! Ýa, senem ysyndan peýan bolaýdyňmy, hi-hi-hi?!
Oglanjyk zordan jogap gaýtardy:
-Aýlap… hykk… eltjek-laý… hykk… Hekaýalar